# Gül ýerine

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gül ýerine GÜL ÝERINE



Ala gözli näzli dilber,
Goýma meni ýel ýerine.
Altyn kemeriň bolaýyn,
Dola meni bil ýerine.
Ynandym yşkyň güýjüne,
Göwnüm täk geçmesin ýene.
Al meni zülpüň ujuna,
Goý sallansyn tel ýerine.

Gelip garşymda dursana,
Birje halymy sorsana,
Saçyňdan bir tar bersene,
Ysgaýyn ter gül ýerine.

Garajaoglan şudur ýolum,
Gyrylar ganatym, golum,
Ýar, gözüňe gurban bolum,
Gel, al meni gul ýerine.

Garajaoglan.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1958 ý. Goşgular